# Indi duşsam…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Indi duşsam… INDI DUŞSAM…

«Degerli delil ýok» diýdik-de, oňduk,
Ykballar isländir hoşlaşmagymyzy.
Ýöne biz ýene-de duşuşdyk bu gün,
Wadalaşsagam hiç duşuşmazlygy.

Dideleň kirpikleň aňyrsyndady,
Nazaryň sowlansoň aňmadym şol gün.
Häzir birje pursat gözlerme seret,
Bir zady soraýyn gözleňden şu gün.

Soragly galypdy soňky ýatlama,
Indi bagtlymyň aýtsana? Ýa-da…
«Hawa» diýýäň, ýöne welin hakykat,
Gizlenmeýär göz diýilýän aýnada.

Örtenme, ýene-de özüňi horlap,
Gözleň maňa aldaw bilen bakmasyn.
(Ahmal, tapan dälsiň başga çykalga)
Belki, şeýtseň bagtlyň gözlerne meňzär,
Indi duşsam bagtly günleň ýatla sen!..

Kerim ATÇAPANOW. Goşgular